# GARAŞMAK

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
GARAŞMAK

GARAŞMAK

Men saňa garaşýan garaşyp ýörün.
M. Gurbanow.

Garaşýaryn saňa, garaşyp ýörün,
Gelseň bolýa, garaşaýyn ertirem,
Kime garaşýanym bilmedik bolup,
Geçip gitdi anha seniň eltiňem.

Garaşýaryn, garaşaryn bu günem,
Gözläp garaşmagyň täze tizligin,
"Garasgyn" diýeňsoň sen ulygyzkaň ,
"Ýetdirmän ýelginne umytsyzlygyň ".

Her gün garaşýanym bir ýer bolansoň,
Öwrenşipdir ýaşaýjylaň hemmesem,
Çiňerilip geçip gidýär kä mahal,
Syr alyp berişýän joraň ýeňňesem.

Garaşýaryn geljek diýen ýeriňde,
Bilsem-de gelipler bilmejegiňem,
Her göremde halyň sorajak welin,
Indi ýüz berenok şol gelnejeňem.

Hiç zatdan habarsyz erkek doganyň,
Gabatlaşsak salamlaşýar baş atyp,
Gelmeýärsiň gelip guran günlerde,
Bilmeýärin diňe saňa sataşyp.

Goşgular